# Nobat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nobat NOBAT

Bişeýkel nobatlar hakda bu goşgym,
Bu şygrym pent bolup, derek tutmazmy?
Belki, ýüregiñe jüñk bolar ýagşyñ,
Ýamanlaram okap pikir etmezmi?

Aýdaly, sen dursuñ ýadap işden soñ
Gök-sök nobatynda, et nobatynda,
Bakjadanam çagalary giçden soñ
Almalysyñ baryp wagt-sagadynda.

Ol bolsa – ýaşy-ha birçene baran,
Meýdenmi, arakdan birneme gören,
Ýanyn basyp geler,
Durmaz säginip,
«Gezegñe durawer» diýäýseñ eger,
Üstüñe eñer,
Señ özüñi utandyrar käýinip.

Ol bolsa – geler-de donuna sygman,
Göwresi abaýtoş, mugt iýip ýognan,
Üstüñ basyp, geçer ötäýder töre,
Şeýdip, öz aýbyny açandyr ýöne.
Kimlerem ýeñseki gapydan sümlüp,
Gider del haryda ogrynça gömlüp.

Kim kimiñ adyndan, jañ bilen geler,
Kim dilin süýjüdip, «jan» bilen geler,
Şeýdip, ilden artyk alarlar paýy:
Togsan bäşlik çaýy,
Jaýy,
Serpaýy.

Sen welin duransyñ… nobatyñ ýetmez,
Kanun, hukuk munda hiç derek tutmaz.
Bir otagda ýaşaýansyñ on bolup,
Eşik çalşyrýansyñ egne don alyp.
Seniñ dostuñ ýokdur dişiñ ötere,
Seniñ postuñ ýokdur işiñ bitere.
«Ynha, ynha» bilen dañarlar ýüpsüz,
Sen mälär-çekirär ýörersiñ süýtsüz.

Amanat kassada goýum nobaty,
Drama teatrda oýun nobaty.
Neşirýatda kitap neşir nobaty,
Putýowkamy, altyn dişiñ nobaty,
Maşynly, kürsüli işiñ nobaty.

Geçmek-göterilmek nobaty agza,
Adyñy geçirmek telefon ýazga.
Samolýota bilet almak nobaty
Ýa Soýuza çlen bolmak nobaty,
Pöwrize, Çülüde daça nobaty…
Bu döwrüñ başyndan aşa nobaty.

Ýöne her hal nobaty ýok keseliñ,
Bakmaz ol asla-da kimdigñe seniñ.
Gelse geliberer oñ nobaty ýok,
Ministrmi, daýhan, tapawudy ýok.

Ýogsam şonam satyn alyp binurbat
Geýim çalşyran dek çalşyrar nobat.
Öz kesel nobatyn geçirer özgä.
Ajal nobat bellänok.
Taganny depeden ala sallanok.

Ýogsam şonam aldar
Emeldar,
Puldar.
Öz ölümni özgäñ boýnuna atyp,
Aman-esen galar nobatyn satyp.

Ajalyñ her kime ýükläp öz ýükün,
Adamy dannaman gelýänne şükür.

Gowşut ŞAMYÝEW.

«Tokmak» žurnaly, 1990 ý. Goşgular